# Öz bilenini okaýar

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öz bilenini okaýar ÖZ BILENINI OKAÝAR




Hökümet ýene hiç kimi diňlänok.
Hökümet ýene kim näme diýse-de, öz bilenini okaýar.
Ýer yranma heläkçiliginiň salan ýaralary saralyp durka bir meseläniň üstünde hiç pikir alyşjak bolýan ýok:
– Ýumrulan jaýlaryň ýerinde ýene täzesini gurjak bolýarlarmyka?
– Täze jaýlar ýer yranma howpuny has az mukdarda duýjak ýaşaýyş massiwinde guruljakmyka?
Ýene meýilnamalaýyn işler ýok!
Ýene diňe bir adamyň agzyna bakylýar!
Näme diý, näme goý, näçe käkele… Barsy bihuda!
Muňa garamazdan biz ýazmagy, aýtmagy, pikir alyşmagy dowam etdirmeli.
Serediň… Ösen ýurtlar näme etdi, bir mysal bereýin:
2008-nji ýylyň 12-nji maýy. Sagat 14:28.
Hytaýyň Syçuan prowinsiýasynda Çendu episentrli 7.9 ball magnitudaly iki minutlyk ýer yranmasy 110 müň km² aralyga ýaýrady.
Bu ýer yranmasy häzire çenli hasaba alynan köp sanly geologik howpuň döremegine sebäp boldy. Soňky 72 sagadyň dowamynda magnitudasy 6.1 balla ýeten 104 awtoşok bolup geçdi. Munuň özi asyryň iň uly tebigy betbagtlygydy…
87 müň 587 adam gurban boldy, 18 müň 392 adam dereksiz ýitdi we 374 müň 643 adam ýaralandy, 12.5 million haýwan jan berdi…
Azyndan 4.8 million adam öýsüz galdy. Zyýan 150 milliard dollara ýetdi…
Ýer yranmasyna biziňem başymyza bela bolup inen Ýewraziýa

platosy sebäp boldy!



* * *
Gynansak-da…
Türkiýe ýaly ösüp barýan ýurtlarda ýer yranmasynyň hötdesinden nädip gelnişi we heläkçilikden soňky ýaşaýyş-durmuş derejesine gönüden-göni täsirini ýetirjek onçakly kän ylmy-barlag işi ýok.
Muňa derek meýilnamalaýyn ýurt Hytaý şu meselede at gaýtarym öňde…
Syçuan prowinsiýasy seýsmiki zona bolansoň, ýer yranmasyny birinji gezek başdan geçirenokdy. Şondan öňem (Wençuan, Luşan, Çannin) üç gezek ýer yranmasyny başdan geçiripdi. Şol sebäpden:
Hytaý birinji nobatda «näme etmeli, nädip etmeli» meselesinde ýeňini çyzgap işe girişdi. Ýörite hünärmenlere oturymly ýerleriň oňaýlylygyny barlatdy.
Ýer yranmasynyň ýetirýän zyýanyny azaltmak, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak üçin ylmy işleriň gurşawynda ykjam ýerlerde täzeden oturymly ýerleriň maksatnamasyny işläp düzdi. Ýöne bu hiç añsat bolmady. Çünki bu iş diñe ýer

yranmasyna çydamly ýeriň kesgitlenmegi bilen çäklenenokdy:
— Transport serişdeleri ýaly birnäçe makrofaktorlar bardy…
— Maşgala gurluşy, maliýe mümkinçilikleri, tebigy betbagtlyk howpuny kabul etme birnäçe mikrofaktorlar bardy…
Meselem, belli bir ýerde uzak ençeme ýyllap ýaşan adamlar pugta ýerli örki sebäpli işlerini, öýlerini başga ýere göçürmäge göwünjeň däldiler. Diňe gaçybatalga şertleri we ýaňadandan weýrançylyk bolma ähtimallygy göçme pikirine täsirini ýetirýärdi…




* * *
Hytaýdan görelde almaly bolýas:
Hytaý şol bir ýerde ýa-da aýry-aýry ýerde ýerleşmäge girişmezden öň maglumat toplamak üçin üç ýer yranmasyndanam uly zyýan çeken dokuz obany saýlap aldy.
Bu obalara 18 sany ylmy barlagçyny ugratdy. Bulara halkyň pikirini öwrenmek tabşyryldy. Hawa, «demokratiýa ýok» diýilýän Hytaý halkynyň pikirini diňlemek üçin pikir soralşyk geçirdi.
— Adamlaryň ýer yranmasyndan soň ýaşaýan ýerini üýtgetmäge bolan islegine ýiti täsirini ýetirjek demografik faktorlara

seretdi…
– Adamlaryñ ýaşaýyş-durmuş şertlerine täsir etjek täze binalaryñ haýsy mätäçlikleri aradan aýyrjagyny öwrenmek isledi…




Obalarda we hojalyklarda raýatlar bilen ýüzbe-ýüz geçirilen pikir soralşygy başga ýere göçmäge bolan islegiñ ýene şol öñki ýerde ýaşamakdan has öñdedigini ýüze çykardy.
Beýleki bir ýandan oba ýaşaýjylarynyñ gartaşan adamlary öñki ýaşan külbelerinde näçe köp ýaşan bolsa, ýene şol öñki ýerde ölýänçä ýaşamak pikirindedi.
Uzatmaýyn.
Bizde nämä seredip karara gelinýär?
AKP-niñ deputaty elije kagyz-galam alýar-da «Şu taýyk, şu taýyk jaý gurmaly» diýýär. Lideri-de özlerinden üýtgeşik däl – ylmylykdan binesip, halkyñ pikirini diñlemeledirem öýdenok…
Bizde hemme zat saýlaw sandygyna indekslenen…
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 24.02.2023 ý. Publisistika